# Çepçi giýewiň sagçy gaýynatasy

Category: Kitapcy,Publisistika,Romanlar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Çepçi giýewiň sagçy gaýynatasy ÇEPÇI GIÝEWIŇ SAGÇY GAÝYNATASY




Geçen makalalarymyň birinde soňky wagtlar türk edebiýaty arkaly ýakyn syýasy taryhymyzy öwrenýändigimi ýazypdym.
Şu gün syýasy garaýşy «Sowuk uruş» döwründe kemala gelen Erdogan bilen Bahçeliniň üstünde durup geçjek. Has dogrusy, şol ýaşdakylara ýiti täsirini ýetiren edebiýat dünýäsiniň söbügine münmekçi!
Mysal üçin, Osman Kawala babatda häkimiýetiň şärikdeşleri nämüçin komplimasiýaçy zoňtar düşünjä – ýowuzlyga eýe?
Geň galdyrmagy mümkin, ýöne soraga Osman Kawalanyň gaýynatasynyň üstünden jogaplamaga synanyşjak:
Megerem, Taryk Bugranyň adyny Türkiýe 1984-nji ýylda TRT döwlet teleýaýlymynda berilen «Küçük aga» teleserialy arkaly eşitdi. Ýazyjy Bugra adybir romanynyň senarisini-de özi ýazdy.




Döwri ýatlatmaly bolýaryn: «12-nji sentýabr» döwlet agdarlyşygy we ýurda täze sokulan neoliberalizm ideologiýasynyñ «ylymly yslam» arkaly jemgyýete hekem kylynmak islenýän döwrüdi…
Arasynda Taryk Bugranyñam bolan konserwatiwleriñ guran «Aýdynlar ojagy» (Intelligentler merkezi) guramasynyñ «Türk-yslam sintezi» düşünjesi «12-nji sentýabr» döwlet agdarlyşygynyñ dine bolan garaýşyna laýyk gelýärdi.
Harby hunta Taryk Bugranyñ eseriniñ Milli Azat-edijilik göreşine pomeşikleriñ, baý-kulaklaryñ we işan-mollalaryñ ýaranlygynyñ emele getiren «Yslam bileleşigi» garaýşy bilen

garamagynyň TRT teleserialy bolmagyna zat diýmedi.
«Zaty-Şahanäniň halyf hezretleriniň ýolundan ýöreýändiginiň zol ýanjaýan baş gahryman Küçük aga «Kuwaýy-Milliýä» gyýa göz bilen garaýan obrazdy. Ol mejlisde Mustapa Kemala garşy gidýän ikinji topar bilenem ham-çam ýagdaýdady. Ýeňişden soňky döwür meselesinde-de şübhelidi.
Bugranyň ideologik-psohologik jeňi munuň bilenem çäklenmeýärdi.
* * *

Taryk Bugranyň «Sowuk uruş» döwrüne laýyk antikommunistik «Wah, arman, ýaşlygym» (“Gençliğim Eyvah”) romanynyň üstünde durup geçmek gerek. («Ýagyşa garaşyp [“Yağmur Beklerken”], «Dünýäniň iň hapa köçesi» [“Dünyanın En Pis Sokağı”] romanlarynyň syýasy pozisiýasy-da birmeňzeş).
Häziriň käbir sagçy syýasatçylarynyň nobran-gödek «dilleriniň» yzyny şu eserden arkaýyn tapyp bilersiňiz. Romanyň baş gahrymany «Ihtiýar» («Garry») dowamly antikommunistik nutuklary atýar:
«Sagçy garaýyş döwlet goragçysydyr.
Eli ýaragly kommunist üstüňize gelse we sizem özüňizi gorasaňyz, size faşist diýerler.
Marks diýilýän ullakan eşekdir.
Lenin diýilýän görlüp-eşdilmedik ganjyk demagogdyr».




Uzatmaýyn, Bugranyñ syýasy bolşy-dili MRU-nyñ (CIA) sagçy syýasy garaýşyna kybapdy.
Şuny ýazamda utanýaryn: Bugranyñ pikiriçe kimler rewolýusioner bolýardy:
«Kemçinleşme ukyplaryna ýa-da höweslerine perde gözleýän aýal-gyzlar».
Ýigrenji jümläni diñe ýeke gezekde ýeke söz bilenem agzap geçäýenok, telim gezek (beýleki romanlarynda-da) ýanjaýar:
«Ah bir bilsediñ, dogry-dürs jelep bolmajak aýal-gyz galyndylaryndan men ne sahna, ne radio we teleýyldyzlary çykardandyryn. (…) Şol bir zat, ine: Ha bulary döretmek we

öndürmek ýa-da progressiwler, rewolýusionerler, halkçylar, anti-imperialistler, sosialistler, kommunistler, marksistler, szedunçylar, troskiçiler, goşistler öndürip döretmek…»
Durmuş hiç kimsäni çagasy bilen synamasyn: Bugranyñ gyzy we giýewi marksist boldy!
* * *

Taryk Bugranyñ ýeke-täk derdi çepçilere garşy göreşmekdi. Ol jemgyýetçilik «üýtgeşme» talabyny ýigrenýärdi. Hemmelere şübhe bilen seretdi, akla-huşa sygmajak hapa komplimasiýalary öñe sürdi. Ýazýanlary «slogan edebiýatyndan» añry geçip bilmedi: ähli erbetlikleriñ añyrsynda «birtopar syýasatçylar we olaryñ ýantazylygyny edýän birtopar ýazyjylar» bardy. Göreş gowy adamlar bilen çepçileriñ arasynda barýardy! Nämeleri samramady…




Artykmaç mysalyñ geregi ýok…
Taryk Bugra ýeke däldi: Bugranyñam çykyş edýän «Tercüman» gazeti ýaly neşirler bilen «Sowuk uruş» döwründe ýetişen «saýry mähelle» ýaşlarynyñ şu gün komplimasiýaçy aña eýe bolmalarynyñ yzyny şu ýerlerden gözläñ.
Ýagny:
Osman Kawalany tussag eden garaýşy döreden – MRU tezisleriniñ gödeñsi propogandasyny eden, komplimasiýalary ýazan gaýynatasy Taryk Bugralardyr «Aýdyñlar ojagy» boldy.
Näme eken bolsalar, şonam orýarlar.
Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 22.02.2024 ý. Publisistika